# Kysasyl enbiýa -3: Hezreti Adam alaýhyssalamyň wakasynyň beýany

Category: Halk döredijiligi we rowaýatlar,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Kysasyl enbiýa -3: Hezreti Adam alaýhyssalamyň wakasynyň beýany IKINJI KYSSA



HEZRETI ADAM ALAÝHYSSALAMYŇ WAKASYNYŇ BEÝANY
Bu kyssa jemi on bir pasyldan ybaratdyr:
Birinji pasyl. Hezreti Adam alaýhyssalamyň ýaradylmagyna meýil döremeginiň sebäpleriniň beýany.
Ikinji pasyl. Hezreti Adam alaýhyssalamyň ýaradylmagynyň beýany.
Üçünji pasyl. Perişdeleriň Allatagalanyň emrine boýun sunman,

günäkär bolanlarynyň beýany.
Dördünji pasyl. Ýer ýüzünden Adam alaýhyssalamyň topragynyň alynmagynyň beýany.
Bäşinji pasyl. Hezreti Adam alaýhyssalamyň jesedine jan girizilmeginiň beýany.
Altynjy pasyl. Adam alaýhyssalama zatlaryň atlarynyň öwredilmeginiň beýany.
Ýedinji pasyl. Hezreti Adam alaýhyssalamyň direldilmeginiň we ony asmanyň gatlaryna göterip seýr etdirilmeginiň beýany.
Sekizinji pasyl. Azazylyň Adam alaýhyssalama sežde etmändigi üçin ebedi nälete sezewar bolmagynyň beýany.
Dokuzynjy pasyl. Hezreti Adam we hezreti Howanyň şeýtanyň delalaty bilen bugdaý iýip, jennetden çykarylmagynyň beýany.
Onunjy pasyl. Hezreti Adam bilen hezreti Howanyň tobasynyň kabul edilmeginiň we olaryň günäden päklen-mekleriniň beýany.
On birinji pasyl. Hezreti Adam we hezreti Howanyň biri-birinden jyda düşmekleriniň we ýene olaryň tapyşmaklarynyň beýany.

## BIRINJI PASYL

## HEZRETI ADAM ALAÝHYSSALAMYŇ ÝARADYLMAGYNA MEÝIL DÖREMEGINIŇ SEBÄPLERINIŇ BEÝANY

Allatagala gudraty bilen Muhammet pygamberiň nuruny ýerden göterip, ony birnäçe müň ýyl öz gaşynda duruzdy. Hudaýtagala wagtal-wagtal ony derýalara çümdürip çykarardy. Ondan soňra ony hyjaplardanötürip, makamlarda duruzdy. Ondan soňra ony beýik mertebeli Arşda duruzyp goýdy. Muhammet alaýhyssalamyň nury ol ýerde günden hem röwşenlik saçyp, Arşy, Kürsi, Lowhy, Galamy, jenneti nurlandyryp durdy. Bu nur göýä Taňrynyň bir hazynasydy. Allatagala aşaky äleme, ýokarky äleme, Arşa, Kürse, Lowha we Galama: «Kim bu nepis göwheri saklap biljek?» diýip, jar çekdirdi. Hiç bir zatdan: «Men ony saklap biljek» diýip, ses çykmady. Bir garaňky perdeden: «Bu amanaty saklamaga men mynasypdyryn we men bu işi kabul edýärin» diýen owaz geldi. Bu ses hezreti Adam alaýhyssalamyň perzentleriniň owazydy. Emma entek olardan hiç bir nam-nyşan ýokdy.

Şygyr

Göwheri getirdiler mülki adem bazaryga,
Tä hyrydary onuň Gün-u-mekanyndan kim erer,
Adamydan zerreýi ýok erdi hiç nam-u-nyşan.
Aýdy ki: «Kabyl erer men, menden özge kim erer».

Netijede, Allatagala: «Bu amanaty saklamak hezreti Adamyň we onuň perzentleriniň işi eken» diýen karara gelip, nury goýdy. Şeýdip, Allatagalada hezreti Adamy ýaratmaklyga meýil döredi. Haktagala perişdelere: «Men özüme ýerde wekil ýaratmakçy» diýdi. Bu sözden soň dostlar şat, duşmanlar mat boldular. Duşman Benijan bilen Azazyldy. Olar bu sözi eşidip, ýüzlerini aşak salladylar. Halk döredijiligi we rowaýatlar